# «Hamasçy» militanlaryñ güni kynalýar!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Hamasçy" militanlaryñ güni kynalýar! «HAMASÇY» MILITANLARYÑ GÜNI KYNALÝAR!




ABŞ-nyñ «Wall Street Journal» gazetiniñ beren bir habary ýurdumyzy sarsdyrmaga ýeterlik boldy. Çünki, berilýän habarda Ysraýylyñ gizlin gulluklarynyñ Palestinanyñ daşynda ýaşaýan «hamasçy» militanlary öldürmegi meýilleşdirýändigi aýdylýardy.
Gazet şeýle-de, ysraýyl kontrazwedkasynyñ Liwanda, Türkiýede, Katarda «hamasçylary» didiwana mündürjekdigini öñe sürdi.
Ysraýylyñ Içerki kontrrazwedka gullugynyñ başlygy Ronen Bar «KAN» döwlet telewideniýesinde efire berilen bir ýazgyda «Katarda, Türkiýede, Liwanda, dünýäniñ hemme ýerinde «Hamasyñ» ýolbaşçylaryny üstünden birnäçe ýyl geçenem bolsa, öldürmekden el çekmejekdiklerini» mälim edipdi.
Amerikan gazeti bu gepleşikden soñ Ysraýylyñ kontrrazwedka gulluklaryndan alan maglumatlaryna görä, operasiýalaryñ haýal etmezden başlanjakdygyny we netije gazanylýança dowam

etjekdigini ýazdy.
Elbetde, işiñ içinde Türkiýäniñem barlygy Ankarany aljyratdy.
Türkiýäniñ Milli Howpsuzlyk Gullugy (MHG) žurnalistleriñ üsti bilen Ysraýyla duýduryş berilendigini mälim etdi.
Syzdyrylan habara görä, Ysraýylyñ Türkiýede bular ýaly operasiýany geçirmäge het eden ýagdaýynda munuñ netijeleriniñ juda agyr boljakdygy aýdylypdyr.
Elbetde, MHG şeýtmeli hem bolar, göz-görtele beýle bikanun operasiýa ýol berilmejegi görnüp dur.
Türkiýe döwleti özbaşdak döwlet hökmünde hökman munuñ garşylygyny berer. Emma bu mesele diñe Ysraýyl bilenem çäklenenok.



Eýranyňam öňden bäri «Hamas» bilen jyny jyňkyryşyp baranok. Munda mezhebara oňşuksyzlyklaram bar.
Eýran Palestina bilen bir hatarda Ýakyn Gündogarda Ysraýyla garşy operasiýalarda «Hizbullahy» ulanýar.
«Hizbullah» şaýy terrorçy guramasy. Eýran bu toparyň üsti bilen öz dini ýörelgesini-de wagyz etmäge we güýçlendirmäge synanyşýar.
Eýranyň özüniňem terrorçy gurama hasaplaýan «Hamas» topary bolsa sünni.
Türk habar beriş serişdelerinde onçakly ýer almadygam bolsa, meniň sahypamy okaýanlar bilýändir, Eýranyň prezidentiniň Türkiýä etmegi meýilleşdirýän resmi sapary iň soňky pursatda goýbolsun edilipdi.
Resmi saparyň goýbolsun edilmegi barada alan käbir maglumatlaryma görä, Eýran Erdogan häkimiýetiniň «Hamasa» berýän hemmetaraplaýyn goldawyndan ynjalyksyzlanýar.
Eýranyň prezidentiniň garaşylýan resmi saparyndan öňinçä Türkiýedäki «hamasçy» militanlara «hizbullahçylar» tarapyndan kast edilşikleriň gurnaljakdygy bilinen badyna iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklarda bökdençlik dörändigi aýdylýar.
Bärde meň pikirimçe iň esasy zat şu: ABŞ-da we Günbatar ýurtlarynda Türkiýäniň terrorçylyk bilen bir hatarda dünýänuň jenaýatçylykly mesgenine öwrülendigi, dürli mafiýa toparlarynyň Türkiýede ýakasyny açyp gezýändigi, hatda raýatlyk alýandyklary hakdaky habarlar ýagyp ugrady.
Ysraýylyňam, Eýranyňam Türkiýede «Hamasa» garşy gönükdirilen teraktlara girişip biljekdigi hakdaky habarlar bu pikiri güýçlendirýär.
Bu ýagdaý juda howatyrlandyryjy.
Jan ATAKLY.

«KORKUSUZ» gazeti, 06.12.2023 ý. Publisistika